# Höküm

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Höküm HÖKÜM

Entek seni bir gezegem görmändim,
Sen wysaldyñ ýetilmedik armandyñ.
Emma men kalbymyñ gözleri bilen,
Seniñ näzli gözleriñi görýärdim.
Aý dek nurly gözleriñi görýärdim,
Basyp giden yzlaryñy görýärdim.
Görýärdim, nur bolup dogjak söýgimi,
Görýärdim, azalýan gussa-gaýgymy.
Çünki seniñ sesiñ eşden çagymam,
Bu dünýäde bagtly saýyp özümi,
Ykbalymda täze-täze ýer açyp,
Seniñ ornaşmagña taýynlap goýdum.
Men seni görmänkäm, şeýdibem söýdüm.

Haçan-da biz sataşmaga ýer belläp,
Ilki duşuşygy wadalaşañda,
Özüñi görjegim ýada düşende,
Ganat ýaýyp uçdum yşk asmanynda,
Haçan-da ilkinji didarlaşañda,
Ýürek janhowluna bolup perwana,
Örän zaryn owaz etdi çar ýana:
«Men beýle perini görmedim ozal,
Belki-de, görmerin mundan beýlägem.
Eger ýazan bolsa takdyry-ezel,
Meniñ bagtym bolar bu duran Gözel!»

Maýyl bolup şeýle täsin arzuwa,
Nädip geçenini bilmedim wagtyñ.
Sen bolsa garşymda göýä bir altyn
Gaş ýaýyp, mähirli ýylgyryp durkañ,
Sen meniñ arzuwlan iñ nepis bagtym,

Sen meniň münberim
Tylladan tagtym.
Göýä tylla tagta çykan ýaly men,
Göýä akly üýtgän telbe-däli men.
Ýürek höküm kyldy pähim-paýhasa,
Nätjek, söýgi öz günüme goýmasa…
Ine, ol hökümiň gysga mazmuny:
«Eger mähriň şol periden doýmasa,
Taşla!
Bu dünýäni şonuň yşkyna.
Ornaşdyr!
Şol ýary köňül köşgüňe.
Söý, söý,
Ýene-de söý!
Söýmekden irme!
Mynasyp ýar söýülenne degýändir,
Seniň söýgiň joşsa,
Oňky çogýandyr.
Bakma dünýäň gussasyna-gamyna,
Gorkma, garrylygyň gelerindenem.
Söýüp ýaşa!
Dem gatyp ýar demine.
Bilgin, bu dünýäniň ähli dertleri,
Hötde gelmez bir söýginiň emine!»

Bu şeýle mukaddes, mylaýym höküm,
Bu hüküme boýun kylmak parzymdyr.
Näzlim, sende arzuwlaýan wysalym,
Seniň maňa berilmeli karzyňdyr.

«Beýik Türkmenbaşy NESLI» gazeti, 15.05.2008 ý.

Has TÜRKMEN Goşgular